# «Şahyr bolçulygynda şygyr gytçylygy» diýen makalanyñ awtory Durdymuhammet Nuralyýewe duýgudaşlyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
"Şahyr bolçulygynda şygyr gytçylygy" diýen makalanyñ awtory Durdymuhammet Nuralyýewe duýgudaşlyk "ŞAHYR BOLÇULYGYNDA ŞYGYR GYTÇYLYGY" DIÝEN MAKALANYÑ AWTORY DURDYMUHAMMET NURALYÝEWE DUÝGUDAŞLYK



Janyñ ýakma, däl-ä bagyr azapdan,
Derýa boýlap, düre-sadaba ýetmez.
Pysyrdaşyp uçjak bolşy güzapdyr,
Bagdat aşýan şahyr hatara ýetmez.
Ýagşy söze aşyk gülli maýlary,
Duýman göriplige berlen aýlary,

Haçan görseñ gurulgydyr ýaýlary –
Ýöne bir gezegem atara ýetmez.

Alawa aýlanyp bilmän tütünden,
Nyrhyn sorar ýörer… gidip getirmez,
Hamyrmaýalary ajan setirler ~
Başa iş düşende kepene ýetmez.

Hiç zady ýüzüne almaýan bolsa,
Aryny ýerine salmaýan bolsa,
Halaly, haramy bilmeýän bolsa ~
Düýrme gylja ýetmez,sapana ýetmez.

Ynsan ýaly kyn öwrümli sowat ýok,
Jahan çaýkananda, oña böwet ýok,
Hyrawanyñ harmanynda döwek ýok ~
Mülk edinip, mekan tutara ýetmez.

Sallary gaýdyşyp, etmese toba,
Ene ýere meñzäp, gelmese taba,
Toýlarda-ýaslarda geçmese sana,
Gardaş, olar ata-götene ýetmez.

Baýram JÜTDIÝEW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy. Goşgular